# STANDART, hil we howpsuzlyk

TDS

Esaslandyryjysy — «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy

№4
2023

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE



# HALKYMYZYŇ DÖWLETLILIK PELSEPESI







***Her bir halkyň jemgyýetçilik kadasyna öwrülen ýollar bolýar. Olara döwletlilik ýörelgeleri diýilýär. Halkymyzyň döwletlilik pelsepesi barada gürrüň etjek bolsak, Gahryman Arkadagymyzyň eserlerine ýüzlenmezlik mümkin däl. Çünki bu kitaplarda türkmeniň hakyky keşbi suratlandyrylýar.***

Milli Liderimiziň köp sanly eserlerinde döwletlilik taglymaty eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle eserleriň biri tutuşlygyna milli döwletlilik ýolumyza bagyşlanan «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» kitabydyr. Gahryman Arkadagymyz bu eserinde halkymyzyň durmuşynda häzirki güne çenli kämilleşip, jemgyýetçilik kadasyna öwrülen ýörelgeler hökmünde şulary görkezýär: Zeminiň abatlygy — ýaşaýşyň ebediligi; Ömrüň manysy — Watanyň rowaçlygynda; Ylym-bilim durmuşa ýagty saçýar; Saglyk — abatlyk; Zähmetsöýerlik — gaýratlylygyň gözbaşy; Myhmansöýerlik; Dostluk – asylly ýörelge; Ynsaplylyk; Agzybirlik; Durmuşyň kadasy — paýhas pendi. Dana Arkadagymyz bu eserinde olaryň her biri barada aýratyn durmak bilen, okyjyny gözbaşy uzak geçmişden gaýdýan ýollara eltýär.

Bu mizemez ýörelgeler biziň berkarar döwletimiziň sütünidir. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda nygtaýşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri asyrlardan gözbaş alyp, geljege uzaýan, agzybirligimize we jebisligimize daýanyp, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işlerimiz bilen şöhratlanan döwürdir. Munuň özi durnukly ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýan eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny pugtalandyrmakda, konstitusion gurluşyny, asyrlardan gözbaş alýan milli gymmatlyklarymyzy, abadan we bagtyýar durmuşy hem-de döredijilikli zähmeti goramakda döwletlilik ýörelgeleriniň esasynda guwandyryjy netijeleriň gazanylýandygyny beýan edýär. Bu netijeler Türkmenistanyň we dünýä ýurtlarynyň iň beýik gazananlaryndan gözbaş alyp gaýdýan, jemgyýetde her bir adamyň gujur-gaýratyny, intellektual mümkinçiliklerini döredijilikli ugra gönükdirmegiň, adam mertebesine uly sarpa goýmagyň, ukyplaryň ösdürilmeginiň, hukuklaryň we borçlaryň berjaý edilmeginiň, durmuş goraglylygynyň üpjün edilmeginiň esasynda gazanylýar.

Milli döwletlilik ýörelgelerini berkidýän üstünliklerimizde ähli ýaşdaky raýatlaryň, aýratyn-da, ýaşlaryň hyzmaty uludyr. Milli Liderimiziň aýdyşy ýaly, röwşen geljegimiz ýaşlaryň bagtyýarlygy bilen berk baglydyr. Şoňa görä-de, 2023-nji ýyla «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýen belent at berildi.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň dowamy bolan «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitaby-da her bir adamyň durmuşyny dogry guramagy baradaky ugrukdyryjy gollanmadyr. Milli Liderimiziň bu kitabynda durmuşyň dürli ugrularyndan söz açylyp, wakalar ömür we adamyň ruhy, medeni, syýasy ösüşleri bilen baglanyşykda beýan edilýär. Kitapdaky ýatlamalar, hemmeler üçin gymmatly bolan arzuw-umytlar, eziz Watanymyzyň ösüşi dogrusyndaky pikir-garaýyşlar bilen içgin tanyşdygyňça, döwletlilik ýörelgeleriniň mizemezliginde ýaş nesliň edep-terbiýesine uly orun degişlidigine ýene bir gezek aýdyň göz ýetirýärsiň.

Kitap «Ýaşlara sözüm!» diýen bölüm bilen tamamlanýar. Bu bölümde şeýle diýilýär: «Hormatly ýaşlar, mähriban inilerim, juwan ýaşly uýalarym, ogullarym hem gyzlarym! Men size şeýle sözler bilen ýüzlenýärin: Ýady ýakyn edinip, dost ýüreginiň ýylysyny duýýan, oňa salama barýan halkymyz üçin il bolmak, agzybirlik, mähribanlyk, birek-biregi eziz görmek, özüňki saýmak iň mähirli duýgulardyr, döwletli ýörelgelerdir. Ine, şu ýörelgelere eýeriň!». Bu ýüzlenme halkymyzyň gadyr goýýan mukaddes ýörelgeleriniň bir ülşüni okyja ýene bir ýola aýdyň edýär. Eýsem, ýaşlara şundan mähirli, mylaýym hem-de hoşamaý nähili arzuw-umyt bolup biler?! Bu sözlerde halkymyzyň jebisliginiň, durmuşyň rowaçlygynyň beýany bar.

Milli Liderimiz şeýle belleýär: «Watanymyzyň abraýyny hem-de mertebesini belende götermek, adam hakdaky alada Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň düýp özenini düzýän ýoldur. Bu ýol dünýä derejesinde dabaralandyrylýan türkmeniň milli döwletliliginiň ýoludyr». Milli Liderimiziň döwletli başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň il-halk, umumadamzat bähbitli başlangyçlary mundan beýläk-de rowaç alsyn!

**EDEBIÝAT**


*1. Gurbanguly Bertdimuhamedow. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. — A,TDNG,2020 ý.*

*2. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhy-ýet köşgünde geçen umumy sapagyndaky çykyşy. «Türkmenistan» gazeti. 2023-nji ýylyň 2-nji sentýabry.*



***Aýjan OMAROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***




Garaşsyz Diýarymyzyň tehniki-ykdysady, intellektual kuwwatyny artdyrmak üçin ylmy ösdürmek hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň esaslarynyň biridir. Häzirki wagtda ykdysadyýetimizde bolup geçýän möhüm özgertmeler we onuň dünýä bazaryna girmegi işewür iňlis dilinde gürleýän hünärmenleri taýýarlamagyň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Iňlis dili halkara aragatnaşygyň dili hökmünde dürli ugurlarda, şol sanda işewürlikde hem ulanylýar. Bu ugur dürli derejelerde möhüm aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Işewürlik dili diňe bir söz düzüminde, sintaksisde ulanylman, eýsem dürli aragatnaşyk ýollarynda hem giňden ulanylýar. Dünýäde köp adam ene dili iňlis dili bolmasa-da, ony gündelik hünär işlerinde işjeň ulanýar.

# Işewürlik gurşawynyň ösmeginde iňlis diliniň orny

Ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň barha artmagy, telekeçileriň sanynyň köpelmegi sebäpli iňlis diliniň käbir işewürlik sözleri türkmen diline terjime edilmezden girizildi. Muňa mysal edip, «diwersifikasiýa», «marketing» we ş.m. sözleri görkezmek bolar. Şeýle-de bolsa, işewür iňlis diliniň köp tarapynyň eýýäm jikme-jik öwrenilýändigine garamazdan, iňlis diliniň dilden we ýazmaça işewür aragatnaşyk serişdesi hökmünde işlenmeginiň usullary henizem ylmy taýdan düşünmegi talap edýär. Işewür aragatnaşyk iňlis diliniň terjimesiniň özboluşlylyklaryna aýratyn üns berilmelidir.

Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ykdysadyýete ornaşdyrmak, jemgyýetiň ähli mümkinçiliklerini işjeňleşdirmek döwletimiziň häzirki döwürdäki ösüş strategiýasydyr. Ony durmuşa geçirmekde ýokary okuw mekdepleriniň uçurymlarynyň, ykdysatçy ýaş hünärmenleriň orny uludyr. Şeýle hünärmenleri taýýarlamak, ilkinji nobatda, häzirki döwürde neşir edilýän ýöriteleşdirilen edebiýata düşünmegi; ikinjiden, rus, iňlis we beýleki daşary ýurt dilleriniň çuňňur öwredilmegini talap edýär. Şeýlelikde, daşary ýurt dillerini bilmek hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.


***Ýazgül AKYÝEWA,***
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy;***
***Aýgül ÝAZDURDYÝEWA,***
***institutyň talyby.***


# ENJAMLARYŇ WE MEHANIZMLERIŇ NAZARYÝETINDE HOWPSUZLYK MESELELERI

Önümiň hili baradaky meseläniň hemişe ünsde saklanylmagy ähli pudaklaryň ösüş depginini mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga, ilatyň ösen islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Bu inženerçilik bilen bagly ulgamlara hem degişlidir.

Täze enjamlar diňe bir ýokary öndürijilikli, ygtybarly, çydamly, metal sarp edijiligi pes bolmak bilen çäklenmän, eýsem, howpsuzlyk talaplaryna we adamlara fiziologiki täsir babatdaky standartlara laýyk gelmelidir. Howpsuzlyk meselesiniň maksady adamy howply ýagdaýlardan goramak, ýüregedüşgünç, birsydyrgyn işlerden azat etmekdir. Beýleki tarapdan, howply zolakda ýerleşýändigine garamazdan, enjamlar adama ýaramaz fiziologiki täsir etmeli däldir. Enjamdaky näsazlyk, esasan, tehnologiki döwür bozulan ýagdaýynda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýyň öňüni almak üçin üýtgeýän mehanizmler maşynlaryň we mehanizmleriň nazaryýeti dersinde ýörite bölüm hökmünde çuňňur öwrenilmelidir.

Enjamda näsazlygyň döremeginiň sebäpleriniň ýene biri titremedir. Titreme baradaky umumy meseleler hakynda nazary mehanika we materiallaryň garşylygy derslerinde, şeýle-de anyk enjamlara degişli aýratyn okuwlarda hem durlup geçilýär. Emma bu ýeterlik däl, sebäbi enjamlaryň we mehanizmleriň nazaryýeti dersinde enjamlara we mehanizmlere degişli umumy kanunlar öwrenilýär.

Enjamda rugsat berilýän titremeler olaryň adamlara edýän täsiri bilen kesgitlenýär. Titremäniň belli bir derejeden geçmegi ýakymsyz ýagdaýlary döredip, ýadawlygyň ýokarlanmagyna, zähmet öndürijiliginiň peselmegine, hatda titreme keseline sebäp bolup bilýär. Titreme adama iki ýol arkaly täsirini ýetirýär:

1) göni — tutuş bedeniň titremesi bilen;

2) gytaklaýyn — aýry-aýry bölekleriň titremesi bilen.

Titremeleriň göni täsir etmeginiň üç görnüşi bolýar:

a) umumy — haçan-da adam titreme merkezinde bolanda, yrgyldylar ýeriň üsti bilen tutuş bedene geçýär (yrgyldaýan üstlerde, ýagny hereket edip barýan otlynyň wagonynda, awtoulagda, eskalatorda);

b) ýerli — titremeler bedeniň aýry-aýry böleklerine täsir edýär (titreýän gural bilen işleýän wagtyňyz enjamlaryň titreýän ýerlerine degmek we ş.m.);

ç) göwrümli — adam titreýän gurşawdaka (howa, suw) titremeler daşky gurşawdan tutuş bedene geçýär.

Titremeleriň gytaklaýyn täsiri adama psihologiki zelel ýetirýär. Mysal üçin, göze görünýän howa çalşygy ýollarynyň, çyralaryň, enjam bölekleriniň we ş.m. titremeleri, adatça, diňe wizual täsir etse-de, ýakymsyz duýulýar.

Häzirki wagtda maşynlaryň we mehanizmleriň nazaryýeti okuwy «Awtomatiki enjamlar nazaryýetiniň esaslary» bölümini hem öz içine alýar. Bölüme adamyň zähmetini talap etmezden işleýän awtomatiki enjamlary döretmegiň usullary we ugurlary girizildi. Okuw howpsuzlyk talaplaryna laýyklykda ýokary öndürijilikli enjamlary döredip bilýän ençeme hünärmenleri taýýarlamaklygy üpjün edýär.


***Agaberdi HOJAÝEW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.***